# DAŞKY GURŞAW BABATDA MAGLUMATLARYŇ ELÝETERLIGI WE ÇÖZGÜTLERI KABUL ETMEKLIGE JEMGYÝETÇILIGIŇ GATNAŞMAGY HEM-DE ADYL KAZYÝETLIGE ELÝETERLIK BARADAKY KONWENSIÝA

Orhus konwensiýasy her bir adamyň saglygyna we maddy-hal ýagdaýyna amatly bolan daşky gurşawda ýaşamaga hukugyny goramaklyga ýardam berýän möhüm halkara-hukuk resminamadyr. Onuň degişli döwlet edaralary bilen jemgyýetçiligiň özara gatnaşygyny kesgitleýän düzgünleri bolup, ol daşky gurşawyň ähli çygyrlaryny, şol sanda adamyň saglygyny we ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek meselelerini, öz içine alýar.

## TARYHY:

BMG-niň halkara ekologik konwensiýalarynyň arasynda ekologiýa ministrleriniň Daniýanyň Orhus şäherinde 1998-nji ýylyň 25-nji iýunynda geçirilen "Ýewropa üçin daşky gurşaw" atly 4-nji maslahatynda kabul edilen Jemgyýetçiligiň daşky gurşaw boýunça maglumatlara elýeterligi we çözgütleri kabul etmeklige gatnaşmagy hem-de adyl kazyýetlige elýeterlik baradaky konwensiýa (Orhus konwensiýasy) möhüm orun berilýär.

Orhus konwensiýasy daşky gurşaw babatda ylalaşygyň täze görnüşi bolmak bilen, daşky gurşawy goramak boýunça geljekki nesilleriň öňünde biziň borçnamalarymyzyň bardygyny ykrar edýär. Ol durnukly ösüşi diňe ähli gyzyklanýan taraplary bu işe çekmek arkaly gazanyp boljakdygyny kesgitleýär. Ol jemgyýetçilik bilen döwlet edaralarynyň özara bilelikdäki hereketine gönükdirilendir hem-de gepleşiklere we halkara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegine jemgyýetçiligiň gatnaşmak işine täzeçe esas döredýär. Konwensiýa daşky gurşawy goramagy göniden-göni adamyň hukuklary babatda kadalar bilen baglanyşdyrýar we ekologik hukuklary adamyň beýleki hukuklarynyň derejesine çenli galdyrýar.

Konwensiýa 2001-nji ýylyň 30-njy oktýabrynda güýje girdi, şu seneden başlap, Konwensiýa boýunça ähli borçnamalar onuň ähli gatnaşyjylary üçin ýuridik taýdan hökmanydyr.

Türkmenistan Orhus konwensiýasyna Türkmenistanyň Mejlisiniň 1999-njy ýylyň 30-njy aprelindäki karary esasynda ilkinjileriň hatarynda goşuldy.

## ESASY MAKSADY:

Orhus konwensiýasy daşky gurşaw babatda maglumatlaryň elýeterliligi, bu ugurda karar kabul edilmegine jemgyýetçiligiň gatnaşmagy hem-de adyl kazyýetlige elýeterlik ýörelgelerini öňe sürýän esasy halkara guraly hökmünde giňden bellidir. Bu konwensiýa her bir adamyň sagdyn daşky gurşawa bolan hukugyny ykrar edýär, şeýle hem ony goramak boýunça borçlaryny kesgitleýär, ýagny konwensiýanyň esasy maksady her bir adamyň saglygyna we maddy-hal ýagdaýyna amatly bolan daşky gurşawda ýaşamaga hukugyny goramaklyga ýardam bermekdir.

## KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇNAMALARY:

Konwensiýa jemgyýetçiligiň elýeterligi meseleleri boýunça, ýagny:

- ekologiýa maglumatlaryna elýeterlik;
- ekologiýa taýdan ähmiýetli çözgütleri kabul etmek işlerine gatnaşmak;
- bozulan ekologiýa hukuklaryny goramak üçin adyl kazyýetlige elýeterlik hukuklaryny üpjün etmek barada Taraplaryň borçnamalaryny göz öňünde tutýar.

Orhus konwensiýasyny ýerine ýetirmek boýunça borçnamalaryň çäklerinde «her bir Tarap yzygiderli üç ýa-da dört ýyldan köp bolmadyk wagt aralygynda daşky gurşawyň hili we daşky gurşawa salynýan agram barada maglumatlary öz içine alýan daşky gurşawyň ýagdaýy barada Milli habary çap edýär we ýaýradýar» (5-nji madda,4 b.); Konwensiýanyň ýerine ýetirlişine hemişe gözegçilik bolar ýaly Taraplaryň yzygiderli (iki ýyldan bir gezek) Konwensiýanyň düzgünnamalarynyň ýerine ýetirilişi boýunça ekologiýa maglumatlaryny bermekleri göz öňünde tutulýar (10-njy madda) diýlip bellenen.